# Nämüçin gije ýer titreýär?

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Nämüçin gije ýer titreýär? NÄMÜÇIN GIJE ÝER TITREÝÄR? GIJE ÝER TITREMEGINIÑ SEBÄBI NÄME?




Türkiýede we Siriýada yzly-yzyna iki gezek bolup geçen güýçli ýer titremesini dünýä jemgyýetçiligini sarsgyna saldy. Şunuň bilen baglanyşyklylykda «nämüçin gije ýer titreýär?» diýen sowal atylýar.
1948-nji ýylyň Aşgabat, 1999-njy ýylyň Göljük ýer titremeleriniň hem gije ýarymdan soň bolup geçendigi mälimdir. Ýogsa-da, gije ýer titremeginiň sebäbi nämekä?



- **ÝER TITREMELERI NÄMÜÇIN GIJE BOLÝAR**

XX asyryň dowamynda Türkmenistanyň çäginde bolup geçendigi hasaba alynan dört güýçli ýer titremesiniň hem üçüsiniň gije bolup geçendigini bilmekde peýda bar.
1929-njy ýylyň 1-nji maýynda öýleden soň sagat 17:37-da (7.2 ball), 1948-nji ýylyň 6-njy oktýabrynda sagat 01:12-de (7.3 ball), 1950-nji ýylyň 6-njy aprelinde sagat 04:43-de (5.5 ball), 1952-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda sagat 06:31-de (5.4

ball), şol sanda başga-da dünýäniñ dürli künjeklerinde – 1966-njy ýylyñ 26-njy aprelinde bolup geçen Daşkent ýer titremesiniñ hem sagat 05:23-de (5.2 ball), 1927-nji ýylda Krymda yzly-yzyna iki gezek bolup geçen ýer titremesiniñ hem 11-nji sentýabrdan 12-nji sentýabr geçilen gijede, 1995-nji ýylyñ 28-nji maýynda bolup geçen Neftegor (Sahalin) ýer titremesiniñ gije sagat 01:04-de (7.6 ball), 1995-nji ýylyñ 17-nji ýanwarynda bolup geçen Kobe (Ýaponiýa) ýer titremesiniñ 05:46-da (6.9 ball), 1976-njy ýylyñ 28-nji iýulynda bolup geçen Tanşan (Hytaý) ýer titremesiniñ gije sagat 03:42-de (7.8 ball), 1999-njy ýylyñ 17-nji awgustynda bolup geçen Göljük (Türkiýe) ýer titremesiniñ gije sagat 03.02-de (7.6 ball) we başga köp sanly ýer titremeleriniñ gije bolup geçendigi göz öñüne tutulanda munuñ näme sebäpli gije bolup geçýändigi bilen gyzyklanmazlyk mümkin däl.

Häzirlikçe hünärmenleriñ-ä bu boýunça belli pikiri ýok. Ýöne Günüñ dartyş güýjüniñ täsiri bilen Ýer şarynyñ gijelikdäki bölegi uly basyş altyndaka, gündizlikdäki böleginiñ gowşak bolýandygy mälim. Şol sebäpli ýer titremeleriniñ gijesine aşa basyşa döz gelip bilmän ýer gatlagynyñ döwülmegi netijesinde emele gelýändigi çaklanylýar.

Şeýle-de Gün we Aý tutulmalarynyñam dartyş güýjüniñ örän ýokarlanýandygy üçin ýer titreme ähtimallygynyñ döreýändigi aýdylýar.




## • GURHANDA ÝER TITREMESINIÑ GIJE BOLÝANDYGYNA KÄBIR JOGAPLAR BAR

Mukaddes Gurhanyñ 7-nji süresi «Arafyñ» 4-nji aýatynda «Biz nijeme şäherleri ýok etdik, gijeleýin ýa-da gündiz ukudakalar üstüne döküldiler. Nije ýurtlary heläk etdik. Olara azabymyz

gije ukusyna gidenlerinde, ýa-da gündiz dynç alyp ýatyrkalar gelipdi» diýilýär.

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Geň-taňsy wakalar